# Tylla seniň yşkyňda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tylla seniň yşkyňda TYLLA SENIŇ YŞKYŇDA

Gül ýüzüñniñ şöhlesi, otlar saldy bu jana,
Agzymdam çykan uçgun ýetişipdir asmana,
Synamdaky bu daglar menden galsyn nyşana,
Zerre takat galmady, Tylla, seniñ yşkyñda…

Men bir asyl göwherim, hergiz küle batmanam,
Senden özge perini göwnümde ýat etmenem,
Uky gelmez gözüme, her gijeler ýatmanam,
Ant içerin dilimden, Tylla, seniñ yşkyñda…

Gam ýüküni çekmekden gury bir sana döndüm,
Egildi dal kamatym, misli kemana döndüm,
Ýandym, bişdim, kül boldum, tozdum, asmana döndüm,
Hiç kim tapmaz nyşanym, Tylla, seniñ yşkyñda…

BEKI SEÝTÄKOW: «TYLLA SENIŇ YŞKYÑDA» ROMANYNDAN. Goşgular